**Daýhan hojalyklaryny bellige almak**

Bellige alynmak üçin şu resminamalar berilýär:

bellige almak hakyndaky arza;

esaslandyryjynyň daýhan hojalygyny esaslandyrmak, oňa ýolbaşçy bellemek, onuň tertipnamasyny tassyklamak baradaky çözgüdi;

Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň Ýer serişdeler gullugynyň tassyknamasy;

oba hojalyk maksatly ýerleriň berkidilmegi hakyndaky degişli häkimligiň çözgüdi;

iki nusgada esaslandyryş tertipnamasy;

daýhan hojalygynyň esaslandyryjylarynyň, yolbaşçysynyň şahsy kagyzlary we pasport nusgalary;

hukuk salgysynyň tassyk haty (degişli şäher we etrap häkimlikleri tarapyndan berilýär);

goýuma nyrh kesmek baradaky resminama (pul görnüşinde bolmadyk goýumly kärhana esaslandyrylan ýagdaýynda);

esaslyk maýasynyň bir böleginiň tölenendigini tassyklaýan resminama;

statistika edarasynyň bellige alynýanyň göz öňünde tutýan ykdysady iş görnüşleri baradaky maglumat haty (Kärhanalaryň we guramalaryň ykdysady işleriniň görnüşlerine we şertli belgilerine laýyklykda);

daýhan hojalygynyň ady baradaky delil hat;

bellige alyş ýygymynyň tölenendigini tassyklaýan resminama.